# Adam boldum…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Adam boldum…

GAÝGYSYZ ABDAL

Gaýgysyz Abdal (Alaeddin Gaýby), türkmen şahyry, alawy-bekdaşy halk ozany.
1341-1444-nji ýyllarda ýaşap geçipdir. Hakyky ady Alaeddin Gaýbydyr. Hajy Bekdaş Weliden soňra bekdaşylaryň başyna geçen Abdal Musadan täsirlenip tasawwuf bilen gyzyklanyp başlaýar.
Gaýgysyz Abdal bekdaşy erkannamasyna (düzgünnama) birnäçe düzedişler girizip, bekdaşylaryň kadalaryny ilkinji işläp düzüjileriň biri boldy. Müsüre gidip bekdaşylygy ýaýratmaga çalyşýar we ol ýerde aradan çykýar.
Gaýgysyz Abdal ahlak-didaktiki temada döreden eserlerinde açyk we gönümel dil ulanýar. Alawy-bekdaşy şygyr tradisiýasyny dowam etdiripdir. Käbir goşgularynda Ýunus Emräniň täsiri duýulýar.

▶ ADAM BOLDUM…

Adam boldum, geldim adam içine,
Duş geldim bir hana, handan içeri.
Zembur kimin gandan gana dolaşyp,
Bir gana uçradym gandan içeri.

Zahyt, * at oýnatma, bu meýdany däl,
Meýdany diýr bolsaň, bu erkany ** däl.
Süleýman diýr bolsaň, Süleýmany däl,
Süleýman bar Süleýmandan içeri.

Yşkyň bazaryndan merjen almyşam,
Yrfan mejlisinden erkan*** almyşam,
Janymy bagş eýläp, bir jan almyşam,
Saklaryn bu jany jandan içeri.

Şerigaty Muhammede berdiler,
Tarykat üstünde bir ýol gurdular.
Magryfet babynda sowal berdiler,
Hakykat bar hakykatdan içeri.

Gaýgysyz aýdadyr, nutugym hakla,
Bir mürşide gol ber, kalbyňy päkle.
Mürşidiň berenin tut, gowy sakla,
Ýülükden, kemikden ****, gandan içeri.

♧ Düşündirişli sözlük:

Zahyt * – Allanyň gadagan eden närselerinden saklanyp, buýruklaryny birkemsiz berjaý edýän adam.
Erkan ** – bu ýerde "bu oňa barýan ýol däl" manyda.
Erkan *** – bir jemgyýetiň öňdebaryjy adamlary.
Kemik**** – süňk.

Goşgular